***Häzirki wagtda ykdysadyýetimizde bolup geçýän möhüm özgertmeler iňlis dilinde gowy gürlemegi başarýan hünärmenleri taýýarlamagyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Iňlis dili halkara aragatnaşygynyň dili hökmünde diňe bir işewürlikde däl-de, eýsem, dürli ugurlarda ulanylýar. Bu ugur dürli derejelerde möhüm aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Dünýäde köp adam iňlis dilini gündelik hünär işlerinde işjeň ulanýar.***

Häzirki wagtda durmuşymyzy tehnologiýasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Elbetde, daşary ýurt dilini öwretmekde hem tehnologiýany ulanmak örän möhümdir. Tehnologiýa daşary ýurt dillerini öwrenmekde, dil öwrenişini ösdürmekde, okamak, ýazmak, diňlemek we gürlemek ýaly endiklere has tiz we aňsat düşünmekligi üpjün edýär. Sebäbi tehnologiýa çäksiz maglumat çeşmeleri bilen üpjün edilendir.

Sözleýiş endiklerini öwretmegiň esasy maksady aragatnaşyk netijeliligi bolup durýar. Dil öwrenýänler häzirki başarnyklaryny ulanyp, dürli diller bilen bir hatarda, inlis dilini hem özleşdirip bilerler. Okuwçylara gürlemekde kommunikatiw netijeliligi ösdürmäge kömek etmek üçin mugallym dil girişini we kommunikatiw öndürijiligi birleşdirýän çäreleri ulanyp biler. Şoňa görä-de, mugallym minimal jogaplary ulanmak, ýazgylary seljermek we dil hakda gürleşmek üçin okuwçylara gürlemek düzgünlerini öwredýär.

Okuwçylaryň sözleýiş endiklerini ösdürmek üçin sapakda dürli sözleýiş çäreleri ulanylyp bilner. Sözleýiş endiklerini ösdürmek babatda göz öňüne tutulan düzgünler okuwçyny beýleki okuwçylar, şeýle hem jemgyýetdäki adamlar bilen gürleşmäge we diňlemäge höweslendirmegi öz içine alýar. Sözleýiş endiklerini ösdürmäge niýetlenen çäreler maglumat alyşmak, gürleşmegi ösdürmekden ybaratdyr. Sapak okamak ýa-da ýazmak endiklerini ösdürmäge gönükdirilen halatynda ol sözleýiş endiklerini ösdürmek üçin geçilýän derslere goşulmalydyr.

Şeýlelikde, okuwçylaryň başarnyklaryny ösdürmek mugallymyň wezipesi bolup durýar. Sözleýiş endiklerini ösdürmäge niýetlenen çäreleriň janly ýagdaýda, interaktiw we gyzykly guralmagy oňat netije gazanmagyň şertidir.

**Maýa ÝOLDAŞOWA,**
**Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň 29-njy orta mekdebiniň iňlis dili mugallymy.**

Все права защищены